# Bagşylaryñ halasgäri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bagşylaryñ halasgäri BAGŞYLARYŇ HALASGÄRI / degişme

Radiosy bardy kakamyñ, köne,
Çagakak bolardyk daşynda gümra.
Baý, konsert bererdi onuñ içinde,
Aman Kadyr, Annuş, Hajydyr, Hemra.
Parahatdyr, Gülşat bagt paýlap hemmä.

Döwrüň ägirtlerniň barysy bardy,
Akyşmy, Kasoýmy, Bally Hajymy.
Bir gün bagşylary görmekçi bolup,
Derhal açdym radionyň içini.

Seretsem hiç kim ýok, «dynç alýandyrlar»,
Başga sebäp tapman, şeýle çakladym,
Soñ «şular ajyndan öläýmesin» diýp,
Içine bir bölek çörek okladym.

Soňam radionyñ nurbatlaryny,
Berkje berkitdim-de, özüm dürsedim.
Meger şodur ýaşan ähli ömrümde,
Iň ajaýyp sogap eden pursatym.

Soň bagşylaň sesi ýognap başlady,
(Iýipdirler öýdýän beren çöregmi).
Berilýän nanlaryň gädilşin görüp,
Her aý çalşyp durdum olañ deregni.

Ynha şeýdip ähli bagşylarmyzyň,
Men bolupdym açlyk ýüküni çeken.
Soňra yzlap görsem toýlardan ýaňa,
Olaryň barsysy «millioner» eken.

Şonda-da meň eden gahrymanlygmy,
Özleri bilseler ajap bor ajap.

Indi toý-tomguda duşaýsam ýeter,
Hemmesinden çörek hakyn sorajak.

Kerim HALLY. Goşgular